Türkmenistanyň Maliýe we
ykdysadyýet ministriniň
2019 ý. “15” martyndaky
çykaran 118-Ö buýrugy bilen
tassyklanyldy

# Emitentler tarapyndan emissiýanyň netijeleri barada we gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjylary tarapyndan gymmatly kagyzlar bilen amallar boýunça hasabatlary düzmegiň we bermegiň tertibi

## I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Emitentler tarapyndan emissiýanyň netijeleri barada we gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjylary tarapyndan gymmatly kagyzlar bilen amallar boýunça hasabatlary düzmegiň we bermegiň tertibi (mundan beýläk-Tertip) „Gymmatly kagyzlar bazary hakynda“ Türkmenistanyň Kanunyň 7-nji maddasynyň 5-nji bendiniň “ç” kiçi bendine laýyklykda işlenip taýýarlanyldy we Türkmenistanyň çäginde emitentler tarapyndan emissiýanyň netijeleri barada we gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjylary tarapyndan gymmatly kagyzlar bilen amallar boýunça hasabatlary düzmegiň we bermegiň tertibini düzgünleşdirýär.

2. Şu Tertip Gymmatly kagyzlar bazaryny döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegi amala aşyrmaga ygtyýarly edara bolan Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi (mundan beýläk – ygtyýarly edara) tarapyndan berilýän ygtyýarnamanyň esasynda gymmatly kagyzlar bazaryndaky hünärmentçilik işiniň bir ýa-da birnäçe görnüşlerini amala aşyrýan ýuridik şahslaryň ählisine degişlidir (gazna biržasynyň işini amala aşyrýan ýuridik şahslar muňa girmeýär).

3. Şu Tertibiň maksatlary üçin aşakdaky düşünjeler ulanylýar:

a) maglumatlaryň açylmagy- diýlip oňuň ähli gyzyklanma bildirýän şahslara milli köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde çap edilmegi, şol sanda elektron görnüşde ýa-da onuň tapylmagyny we alynmagyny kepillendirýän başga usul bilen ýetirilmeginiň üpjün edilmegine düşünilýär;

b) gymmatly kagyzlar bazarynda açyk maglumatlar- diýlip özi babatda onuň açylmagy boýunça hereketler geçirilen maglumatlara düşünilýär.

ç) gymmatly kagyzlar bazarynda hemmelere elýeterli maglumatlar- diýlip „Gymmatly kagyzlar bazary hakynda“ Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda açylmaga degişli bolan maglumatlar ykrar edilmegine düşünilýär.

## II bap. Gymmatly kagyzlaryň emissiýasynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy

4. Türkmenistanyň çägindäki gymmatly kagyzlaryň emissiýasynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenilişine

laýyklykda Gymmatly kagyzlaryň ýeke-täk döwlet sanawynyň saklaýjysy-ygtyýarly edara tarapyndan bellige alynmaga degişlidir.

Gymmatly kagyzlaryň ýeke-täk döwlet sanawy şu Tertibiň 1-nji goşundysyna laýyklykda ýöredilýär.

Gymmatly kagyzlaryň öňki emissiýasynyň (emissiýalarynyň), konwersiýasy, böleklenmegi we konsolidasiýasy hakynda, şeýle hem gymmatly kagyzlaryň ýatyrylmagy hakynda maglumatlar Gymmatly kagyzlaryň ýeke-täk döwlet sanawyna girizmek üçin emitent ygtyýarly edara degişli maglumatlary bermäge borçludyr we ol barada maglumatlar „Gymmatly kagyzlar bazary hakynda“ Türkmenistanyň Kanunynyň 45-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda açylmaga degişlidir.

5. Gymmatly kagyzlaryň emissiýasynyň döwlet belligine alynmagy üçin emitent ygtyýarly edara şu resminamalary bermäge borçludyr:

1) erkin görnüşde düzülen bellige alynmak üçin arza, onda emitentiň doly ady we ýuridik salgysy görkezilýär;

2) gymmatly kagyzlaryň emissiýasy hakynda çözgüt, onda gymmatly kagyzlaryň görnüşi, sany, nominal bahasy we olaryň ýerleşdirilmeginiň görnüşi görkezilýär;

3) emissiýanyň prospekti - emissiýaly gymmatly kagyzlar açyk ýerleşdirilen halatynda, onda şu Tertibiň dokuzynjy böleginde görkezilen maglumatlar bolmalydyr;

4) emitentiň esaslandyryjy resminamalarynyň göçürilen nusgalary:

a) ýuridik şahslar üçin ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürme;

b) kärhananyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakynda şahadatnamanyň göçürmesi;

ç) emitentiň Tertipnamasynyň bellenen tertipde tassyklanan göçürmesi.

6. Ygtyýarly edara şu Tertibiň bäşinji böleginde görkezilen resminamalary alandan soň 30 senenama gününden gijä galman emissiýany bellige almaga ýa-da bellige almakdan ýüz öwürýändigi hakynda delillendirilen çözgüdi kabul etmäge borçludyr, bu barada ýazmaça görnüşde arza beren emitentiň dykgatyna ýetirilmelidir.

7. Gymmatly kagyzlaryň emissiýasy döwlet tarapyndan bellige alnan mahalynda ygtyýarly edara tarapyndan şol goýberilişe döwlet bellige alyş san belgisi berilýär.

8. Emitent, şeýle hem emitent bilen ylalaşmak arkaly gymmatly kagyzlaryň olaryň birinji eýelerine satylmagyny amala aşyrýan gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjylary her bir alyja ol gymmatly kagyzlary satyn almazyndan öň satuwyň şertleri we emissiýanyň prospekti bilen tanyşmagyna mümkinçiligi üpjün etmäge borçludyrlar.

9. Emissiýanyň prospektinde şu maglumatlar bolmalydyr:

1) emitent baradaky maglumatlar:

a) doly ady;

b) ýuridik salgysy;

ç) esaslandyryjylaryň umumy ýa-da esaslyk maýanyň 5%-den az bolmadyk paýa eýelik edýän paýdarlaryň sany.

2) emitentiň maliýe ýagdaýy baradaky maglumatlar:

a) auditoryň netijenamasyny goşmak bilen, emitentiň maliýe ýagdaýy hakynda maglumatlar;

b) esaslyk maýasynyň möçberi barada maglumat.

3) gymmatly kagyzlaryň geljekki (şu) goýberilişi barada maglumatlar:

a) goýberilişiň görnüşi, umumy möçberi (nominal gymmaty boýunça);

b) goýberilişiň ýerleşdirilişi barada maglumatlar;

ç) gymmatly kagyzlary kabul etmek ýa-da olardan ýüz öwürmek barada çözgütlere täsir edip biljek beýleki maglumatlar.

Karz edaralaryň-emitentleriň emissiýasynyň prospektinde görkezilmegi üçin hökmany bolan maglumatlaryň sanawy Türkmenistanyň Merkezi banky bilen bilelikde ygtyýarly edara tarapyndan kesgitlenilýär.

10. Emitentiň maliýe ýagdaýy hakynda maglumatlar paýdarlar jemgyýeti döredilen mahalynda emissiýanyň prospektinde görkezilmeýär, başga guramaçylyk-hukuk görnüşli ýuridik şahslaryň oňa öwrülen halatlary muňa degişli däldir.

Paýnamalaryň paýdarlar jemgyýeti-emitent esaslandyrylan pursatynda jemagat öňünde (açyk) ýerleşdirilmegine rugsat berilmeýär.

11. Emissiýanyň prospektine goşulan maglumatlaryň dolulygy we hakykylygy wezipeli adamlaryň gollary we ýuridik şahsyň-emitentiň möhüri bilen tassyklanylýar.

## III bap. Gymmatly kagyzlaryň emissiýasyny döwlet tarapyndan bellige alynmakdan ýüz öwürmek

12. Şular gymmatly kagyzlaryň emissiýasyny bellige almakdan ýüz öwrülmegi üçin esas bolup durýar:

1) berlen resminamalarda emissiýanyň şertleriniň we gymmatly kagyzlaryň dolanyşygynyň Türkmenistanyň kanunçylygyna çapraz gelýändigi, şol sanda gymmatly kagyzlaryň emissiýasy emitentiň ýitgileriniň öwezini dolmak üçin niýetlenendigi hakynda netije çykarmaga mümkinçilik berýän maglumatlaryň bolmagy;

2) berlen resminamalaryň we olarda bolan maglumatlaryň düzüminiň “Gymmatly kagyzlar bazary hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň talaplaryna laýyk gelmezligi;

3) emissiýanyň prospektine ýa-da gymmatly kagyzlaryň emissiýasy hakynda çözgüde we gymmatly kagyzlaryň emissiýasyny bellige almak üçin esas bolup durýan beýleki resminamalara göz-görtele ýalan ýa-da nädogry maglumatlaryň girizilmegi;

4) karz edaralary tarapyndan berilýän resminamalaryň Türkmenistanyň Merkezi bankynyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda olara bildirilýän talaplara laýyk gelmezligi:

a) karz edarasy tamamlanan soňky üç maliýe ýylynyň dowamynda ýa-da bu möhlet üç ýyldan az bolsa, döredilen pursatyndan bäri ýitgisiz işlän bolmalydyr;

b) karz edarasy babatynda sonky üç ýylyň dowamynda ýa-da onuň döredilen pursatyndan bäri üç ýyldan az möhletiň içinde Türkmenistanyň kanunçylygyny bozandygy üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda administratiw jogapkärçiligine çekilip temmi çäreleri görlen bolmaly däldir;

ç) karz edarasynyň algydarlara we býujete tölegler boýunça möhleti geçirilen bergisi bolmaly däldir;

d) Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bank amallaryny geçirmek üçin berlen ygtyýarnamanyň hereketi togtadylan ýa-da kanunçylykda bellenen tertipde ýatyrylan diýlip hasap edilen ýagdaýda.

13. Emitent emissiýany döwlet belligine almak üçin berlen resminamlarda bar bolan maglumatlaryň hakykylygy üçin, şeýle hem gymmatly kagyzlaryň emissiýasynyň kadalarynyň berjaý edilişi üçin jogapkärçilik çekýär.

14. Berlen resminamalara düýp manysy boýunça seredilen mahalynda ygtyýarly edaranyň:

1) emissiýa prospektinde görkezilen maglumatlaryň dolulygyny;

2) berlen resminamalarda gymmatly kagyzlary çykarmagyň şertleriniň Türkmenistanyň kanunçylygyna çapraz gelýändigi barada netije çykarmaga mümkinçilik berýän maglumatlaryň bardygyny ýa-da ýokdugyny;

3) emissiýanyň prospektiniň tekst böleginiň we esaslandyryş resminamalarynyň, maliýe ýagdaýy barada hasabatlaryň we hasabatlaryň biri-birine laýyk gelýändigini barlamaga haky bardyr.

15. Mazmunyna we resmileşdirilişine nägilelik bar bolsa, berlen resminamalar gutarnykly işlemek üçin emitente gaýtarylýar, şunda anyk ýetmezçilikler we nätakyklyklar ýazmaça görnüşde görkezilýär.

16. Berlen resminamalar boýunça oňaýly netijä gelnen halatynda Ygtyýarly edara gymmatly kagyzlaryň şol goýberilişe Gymmatly kagyzlaryň döwlet belligine alyş belgisini düzmegiň Tertibine (şu Tertibe 2-nji goşundy) laýyklykda döwlet belligine alyş belgisini berýär we bu barada emitente ýazmaça habar berýär.

## IV bap. Emitentler tarapyndan emissiýanyň jemleri barada hasabat bermek

17. Gymmatly kagyzlary çykarmagyň jemleri barada hasabatlary özlerine şu Tertibe degişli bolan, gymmatly kagyzlary çykarmagy amala aşyran emitentler tarapyndan düzülýär we şu goýberilişiň gymmatly kagyzlaryny ýerleşdirmek tamamlanandan soň ygtyýarly edara berilýär.

Gymmatly kagyzlar bazarynda bir wagtda bir emitentiň gymmatly kagyzlarynyň birnäçe goýberişleri dolanyşykda bolýan halatynda ygtyýarly edara görkezilen goýberişleriň her biri barada hasabat berilýär.

18. Gymmatly kagyzlary çykarmagyň netijeleri barada hasabatlar we ýyllyk hasabatlar ygtyýarly edara emitentiň resmi kagyzynda ýanyna goşulýan hat bilen bilelikde bir nusgada berilýär.

19. Gymmatly kagyzlary ýerleşdirmek işi tamamlanandan soň 30 senenama günden gijä galman emitent gymmatly kagyzlaryň emissiýasynyň jemleri baradaky hasabaty düzýär we ony ygtyýarly edara berýär.

20. Gymmatly kagyzlaryň emissiýasynyň jemleri baradaky hasabatda şu maglumatlar bolmalydyr:

gymmatly kagyzlaryň ýerleşdirilmeginiň başlanan we tamamlanan senesi;

emissiýa degişli gymmatly kagyzyň bazar nyrhlary we nominal bahasy;

ýerleşdirilen gymmatly kagyzlaryň sany;

ýerleşdirilen gymmatly kagyzlar üçin gelip gowşan serişdeleriň umumy möçberi;

gymmatly kagyzlaryň sanawyny ýöretmäge ygtyýarly edilen ýuridik şahslaryň ady;

paýdarlaryň sanawy we paýy;

karz edarasynyň Gözegçilik geňeşiniň we müdiriýetiň ähli agzalarynyň sanawy.

21. Ygtyýarly edara 30 senenama gününiň dowamynda gymmatly kagyzlaryň emissiýasynyň jemleri baradaky hasabata seredýär we emissiýa bilen baglanyşykly bozulmalar bolmadyk halatynda ony kabul edýär.

Karz edaralary gymmatly kagyzlaryň emissiýasynyň jemleri baradaky hasabaty Türkmenistanyň Merkezi bankyna hem berýärler.

## V bap. Gymmatly kagyzlar bazaryna hünärli gatnaşyjylar tarapyndan gymmatly kagyzlar bilen amallar boýunça hasabatlaryň berilmegi

22. Gymmatly kagyzlar bazaryna hünärli gatnaşyjylar tarapyndan gymmatly kagyzlar bilen amallar boýunça hasabatlary Gymmatly kagyzlar bazaryny döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegi amala aşyrýan ygtyýarly edara ýylda bir gezek, maliýe ýyly tamamlanandan soň 30 iş günüň dowamynda, şeýle hem, eger şu amal boýunça gymmatly kagyzlaryň sany görkezilen gymmatly kagyzlaryň umumy möçberiniň 5%-inden az bolmasa, gymmatly kagyzlar bazaryna hünärli gatnaşyjy tarapyndan bir emitentiň bir gymmatly kagyzy bilen bir gezeklik amal geçirilendigi barada maglumatlar berilýär.

23. Hasabat kagyz görnüşinde we elektron göterijilerde berilýär. Kagyz görnüşinde berilýän hasabatyň mazmuny elektron görnüşde berilýän hasabatyň mazmunyna laýyk gelmelidir.

24. Kagyz görnüşinde berilýän hasabata degişli resminamalara gol çekmäge hukugy bolan wezipeli adamlaryň gollary we ýuridik şahsyň-emitentiň möhüri bilen tassyklanylýar.

25. Gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjysy, eger ol şu hereketleri ýerine ýetiren bolsa, özüniň gymmatly kagyzlar bilen amallary hakynda maglumatlaryň açylmagyny amala aşyrmaga borçludyr:

1) bir çärýegiň dowamynda bir emitentiň gymmatly kagyzlaryň bir görnüşi bilen amallary, haçanda gymmatly kagyzlaryň möçberi görkezilen gymmatly kagyzlaryň umumy möçberiniň azyndan 100 göterimini düzen bolsa;

2) bir emitentiň gymmatly kagyzlarynyň bir görnüşi bilen bir gezeklik amaly, haçanda gymmatly kagyzlaryň möçberi görkezilen gymmatly kagyzlaryň umumy möçberiniň azyndan 15 göterimini düzen bolsa.

Gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjysy ygtyýarly edara habar ibermek arkaly degişli çärýek tamamlanan gününden ýa-da degişli bir gezeklik amal geçirilen gününden bäş iş gününden gijä galman gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjysynyň adyny, gymmatly kagyzlaryň görnüşini we döwlet bellige alyş belgisini, emitentiň adyny, bir gymmatly kagyzyň bahasyny, degişli geleşikler boýunça gymmatly kagyzlaryň sanyny görkezmek bilen degişli maglumatlary açýar.

Gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjysy emissiýa bolýan gymmatly kagyzlarynyň satyn alnyş we (ýa-da) satylyş bahasy teklip edilen we (ýa-da) yglan edilen mahalynda özünde bar bolan we emissiýaly bu gymmatly kagyzlarynyň emitenti tarapyndan özüne berlen hemmelere elýeterli bolan maglumatlary açmaga ýa-da özünde şeýle maglumatlaryň ýokdugy hakynda habar bermäge borçludyr.

## VI bap. Jemleýji düzgünler

26. Gymmatly kagyzlar bazaryna gatnaşyjylar, şol sanda gymmatly kagyzlar bazaryna hünärli gatnaşyjylar we emitentler hasabatlaryň öz wagtynda berilmändigi, doly däl görnüşde berlendigi ýa-da ýalňyş berlendigi üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

27. Gymmatly kagyzlaryň emitentiniň hasabatyna goşulmaga degişli maliýe hasabatlylygy Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda düzülýär we berilýär.

2-nji goşundy

**Gymmatly kagyzlaryň döwlet bellige alyş belgisini düzmegiň tertibi**

XX - X – XXX – XXXX – X
1 2 3 4 5

1. Iki derejeden durýan birinji ýagdaý (pozisiýa) Türkmenistanyň dolandyryş-çäk bölünişi boýunça çägiň kodunyň belgisini görkezýär:

01 - Aşgabat şäheri we Ahal welaýaty
02 - Balkan welaýaty
03 - Daşoguz welaýaty
04 - Lebap welaýaty
05 - Mary welaýaty

2. Bir derejeden durýan ikinji ýagdaý (pozisiýa) gymmatly kagyzlaryň goýberilişiniň görnüşini görkezýär:

1- ýönekeý atly paýnamalar
2- ýeňillikli atly paýnamalar
3- teklip ediji üçin döwlet obligasiýalar
4- atly döwlet obligasiýalar
5- atly obligasiýalar
6- teklip ediji üçin obligasiýalar

3. Üç derejeden durýan üçünji ýagdaý (pozisiýa) gymmatly kagyzlaryň şu görnüşiniň emissiýasynyň tertip belgisini aňladýar.

4. Dördünji ýagdaý (pozisiýa) dört derejeden durýar we gymmatly kagyzlaryň şu görnüşi üçin tertip boýunça bellige alyş belgisini görkezýär:

0001-1999 – döwlet tarapyndan çykarylan gymmatly kagyzlar
2000-3999 – karz edaralary tarapyndan çykarylan gymmatly kagyzlar
4000-5999 – paýdarlar jemgyýetleri tarapyndan çykarylan gymmatly kagyzlar
6000-6999 –ätiýaçlandyryş guramalary tarapyndan çykarylan gymmatly kagyzlar

5. Bäşinji ýagdaý (pozisiýa)gymmatly kagyzlaryň şu görnüşini çykaran maýa goýum institutynyň görnüşini aňladýar we harp belligini öz içine alýar:

D – döwlet tarapyndan çykarylan gymmatly kagyzlar
B – karz edaralary tarapyndan çykarylan gymmatly kagyzlar
P – paýdarlar jemgyýetleri tarapyndan çykarylan gymmatly kagyzlar
Ä - ätiýaçlandyryş guramalary tarapyndan çykarylan gymmatly kagyzlar

1-nji goşundy

## Gymmatly kagyzlaryň ýeke-täk döwlet sanawy

| | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| № | Emitentiň doly ady, ýuridik salgysy | Döwlet tarapyndan bellige aldyrmak üçin resminamalaryň berlen senesi | Gymmatly kagyzlaryň görnüşi, emissiýanyň tertip belgisi we ýerleşdirmegiň görnüşi | Gymmatly kagyzlaryň göz öňünde tutulýan sany we nominaly | Emitentiň döwlet tarapyndan bellige alnan senesi we belgisi | Emissiýanyň jemleri baradaky hasabatyň berlen senesi | Emissiýanyň bolup geçmedik diýlip ykrar edilen ýa-da togtadylan senesi |
| | | | | | | | |

**Bellik:** Emitentden sanawda bellige almak barada arza gelip gowşanda 1-4-nji sütünler doldurylýar.
Emissiýa döwlet tarapyndan bellige alnan pursatynda 5-nji sütün doldurylýar.
Bellige almakdan ýüz dönderilende 5-6-njy sütünler doldurylmaýar.
Ýerleşdirmek tamamlanandan soň emissiýanyň jemleri baradaky hasabat berlende 6-njy sütün doldurylýar.
7-nji sütündäki ýagdaýlar emele gelen mahalynda doldurylýar.